# KEMSITMELERE, JYNSY AZAR BERILMELERE WE SAGLYGA DÜRLI DEREJEDÄKI AGYRLYKDA BILKASTLAÝYN ZEPER ÝETIRILMEGINE GARŞY GÖREŞMEK BOÝUNÇA SYÝASATY

«Kemsitmelere, jynsy azar berilmelere we saglyga dürli derejedäki agyrlykda bilkastlaýyn zeper ýetirilmegine garşy göreşmek boýunça Syýasaty» (mundan beýläk — «Syýasat»), «Arassa Deniz» HK-nyň (mundan beýläk — HK) we HK-nyň ýolbaşçysynyň her bir adamyň deň hukuklara we mümkinçiliklere eýe bolan, ähli işgärleriň etiki we hünär derejesindäki özüni alyp baryşlaryny höweslendirýän we oňa ýardam berýän gurşawyň goldanylýan, şeýle hem şahsy gymmatlyklara we azatlyklara hormat goýulýan zähmet gatnaşyklaryna ygrarlylygyny beýan edýär.

Şu «Syýasatyň» maksady kemsitmesiz, yzarlaşmasyz, ar alyşsyz we jynsy zorluksyz, şeýle hem saglyga dürli derejedäki agyrlykda bilkastlaýyn zeper ýetirilmesiz ýaly amatly iş gurşawyny döretmäge we üpjün etmäge, ahlak esaslaryny hem-de ýokary korporatiw medeniýeti terbiýelemäge we goldamaga gönükdirilendir.

HK-nyň ýolbaşçysy şu «Syýasaty» berjaý etmäge, ony HK-nyň ähli işgärleriniň dykgatyna ýetirmäge, ony yzygiderli täzelemäge we gyzyklanma bildirýän taraplar üçin elýeterliligini üpjün etmäge borçlanýar.

**«Syýasatyň» altyn kadalary:**

- **HK jynsy, jyns we/ýa-da gender degişliligi, derisiniň reňki, dini ynançlary, ýaşy, milli ýa-da etniki geljegi, maýyplygy, weteranlyk ýa-da harby statusy, göwreliligi, genetiki maglumatlary, maşgala ýagdaýy ýa-da raýatlygy esasynda kemsitmelere ýa-da yzarlanmalara garşy göreşmäge we olaryň öňüni almaga gönükdirilen çäreleri görmäge, şeýle hem islendik derejedäki agyrlykda saglyga bilkastlaýyn zeper ýetirmek bilen bagly ýa-da kanun tarapyndan gadagan edilen beýleki esaslar boýunça amala aşyrylýan hereketlere ýol bermezlige borçlanýar;**
- **HK kemsitmeleri, azar berilmeleri, şol sanda jynsy azar berilmeleri, saglyga dürli derejedäki agyrlykda bilkastlaýyn zeper ýetirilmegini hem-de işgärleriň, tejribeçileriň, potratçylaryň, meýletinçileriň we HK bilen hyzmatdaşlyk edýän beýleki üçünji şahslaryň yzarlanmagyny, şeýle hem professional hyzmatlary Sargyt edijiniň işgärleri tarapyndan HK-nyň işgärlerine garşy edilýän şeýle hereketleri gadagan edýär;**
- **HK-nyň ýolbaşçysy düzgün bozmalaryň öz-özünden geçip gitmegine garaşman, olar barada haýal etmän habar bermegi maslahat berýär; bu bolsa HK-nyň işgärini kemsidiji bilen ýeke-täk galdyrman, ýagdaýa gyssagly seslenmäge we derňew geçirmäge mümkinçilik berer.**

## 1. Umumy ýagdaýlar

1.1. HK-nyň ähli işgärleri şu «Syýasatyň» talaplarynyň ýerine ýetirilmegi üçin jogapkärçilige düşünýärler we ony çekýärler. HK-nyň ýolbaşçysy işgärler tarapyndan şu «Syýasatyň» talaplarynyň dogry we gyşarnyksyz berjaý edilmeginiň HK-nyň üstünlikli işinde esasy orun eýeleýändigine ynanýar, şeýle hem HK-nyň ähli ýolbaşçylarynyň we bölümleriniň müdirleriniň beýleki işgärler üçin nusgalyk görelde boljakdyklaryna hem-de jogapkärçiligiň ýokary standartlaryna eýerjekdiklerine garaşýar.

1.2. HK-nyň bölüm ýolbaşçylarynyň diňe bir şu «Syýasatyň» kadalaryny berjaý etmän, eýsem öz tabynlygyndaky işgärler tarapyndan hem olaryň berjaý edilmegini üpjün etmegi örän möhümdir. HK-nyň bölüm ýolbaşçylary kemsitmelere, azar bermelere, jynsy zorluga, şeýle hem saglyga bilgeşleýin zeper ýetirilmegine ýol bermezlik we olaryň öňüni almak boýunça şahsy jogapkärçilik çekýärler.

1.3. HK-nyň bölüm ýolbaşçylary kemsitmelere, azar bermeleriň islendik görnüşlerine, saglygyň dürli derejelerde bilgeşleýin zeper ýetirilmegine degişli, özleriniň şaýat bolan, başgalardan eşiden ýa-da HK-nyň işgäri barada şübhelenýän islendik ýagdaýlary barada, haýal etmän habar bermäge borçludyrlar.

1.4. HK-nyň ýolbaşçysy we bölüm ýolbaşçylary kemsitmelere, azar bermeleriň dürli görnüşlerine, saglygyň dürli derejelerde bilgeşleýin zeper ýetirilmegine we/ýa-da ar alyş hereketlerine bilgeşleýin ýol berende, Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan degişli jogapkärçilige çekilerler.

1.5. Kemsitmelere, azar bermelere, ar alyş hereketlerine sezewar boldum diýip, hasaplaýan HK-nyň islendik işgäri ýa-da şeýle kemsitmelere, azar bermelere, ar alyş hereketlerine we haýsy hem bolsa bir zorluga şaýat bolan işgär, HK-nyň ähli işgärleriniň dykgatyna ýetirilen, işlenip düzülen we tassyklanan «Etiki däl özüňi alyp barşyň barada habar bermek prosedurasyna» laýyklykda, bolup geçen ýagdaýlar barada haýal etmän habar bermelidir.

## 2. Ar alyş çärelerinden we jerimelerden ýüz öwürmek

2.1. HK şu «Syýasatyň» güman edilýän bozulmalary barada habar berýän, islendik derňewe gatnaşýan ýa-da güman edilýän kemsitmelere, azar bermelere ýa-da ar alyş hereketlerine başga görnüşde garşy çykýan şahsa, şol sanda şaýat hökmünde çykyş edýän şahsa garşy nähili hem bolsa, bir ar alyş çärelerini ulanmazlygy öz üstüne alýar.

2.2. HK şeýle hem, özüniň haýsy hem bolsa, bir işgäri tarapyndan edilýän ar alyş hereketlerine ýol bermez. Kemsitme, azar berme, jynsy zorluk ýa-da ar alyş bilen baglanyşykly işiň derňewine ýa-da kazyýet işine kömek edýän, şaýatlyk edýän ýa-da şikaýat edýän islendik adama garşy amala aşyrylýan ar alyş hereketleri şu «Syýasatyň», şeýle-de kanunyň agyr bozulmasy bolup durýar.

## 3. Gizlinlik

3.1. HK jikme-jik we doly derňew geçirmek maksadyna laýyklykda hem-de Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygy tarapyndan rugsat berlen derejede, şikaýatyň gizlinligini we oňa gatnaşýan şahslaryň gizlinligini mümkin bolan iň ýokary derejede saklamagy öz üstüne alýar.

| | | | |
|---|---|---|---|
| «Arassa Deňiz» HK-nyň Baş direktory<br>(wezipesi) | M.W. Şwydko<br>(F.A.A.a.) | ____________ | «10» noýabr 2025 ýyl<br>(sene) |

AŞGABAT ŞÄHERI. HUSUSY KÄRHANASY «ARASSA DEŇIZ» TÜRKMENISTAN.